Her ýylyñ aprel aýynyñ soñky ýekşenbesinde Bedew baýramy uly dabaralara beslenýär. Bu baýramçylyga bagyşlanan çäreler ýurdumyzyñ ähli ýerlerinde giñden bellenip geçilyär. Aşgabadyñ Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynda Türkmen bedewiniñ milli baýramy mynasybetli at çapyşyklara dünýäniñ köpsanly ýurtlaryndan myhmanlar dabara gatnaşmak üçin ýurdumyza gelýärler. Atçylyk sport toplumy baýramçylyk mynasybetli dürli öwüş günler bilen bezelýär. Ähli ýerlerde türkmen toýunyñ- dabarasynyñ şüweleñi dowam edýär, aýdym-sazlar ýañlanýar, ýaş türgenler öz çykyşlaryny görkezýärler. Ýurdumyzyñ görnükli atçynaslary at sport bäsleşiklerini geçirýärler we özleriniñ täsirli çykyşlary bilen tomaşaçylary haýrana goýýarlar. Çykyşlarda ezberlik we ussatlyk bilen hereket edýän çapyksuwarlar ýaşlykdan eýeriñ üstünde oturmagy öwrenip, ata-babalarymyzyñ asylly däplerini dowam etdirýärler.

Türkmenistan gözelligi boýunça deñi-taýy bolmadyk ahalteke bedewleriñ mekany hasaplanmak bilen dünýäni haýrana goýýar.

Aýgül KULYÝEWA
Aşgabat şäheriniň
16-njy ýöriteleşdirilen
orta mekdebiniň okuwçysy

Все права защищены